## **Barlagy** nirede geçmeli?

Siz ýakyndaky Saglyk öýüne ýa-da hassahana ýüz tutup bilersiňiz.



### Bulary bilmek wajypdyr!

Inçekesel bejerilýär.
Esasy gorkmaly däl. Bejergini öz wagtynda başlamaly. Eger-de siz ýa-da siziň ýakynlaryňyz kesellän bolsaňyz lukmançylyk kömegine ýüz tutuň.

Inçekeseli bejermek mugtdur.
Ol 4 aýdan 9 aýa çenli uzaýandyr. Dermanlary her gün bes etmän kabul etmek örän wajypdyr. Ýogsam kesel agyr görnüşinde gaýtalanyp biler.

## Garşylykly aragatnaşyk saklamagyň ýollary:

Fiziki şahslar ýa-da jemgyýetçilik guramalary şu taslamanyň ýerine ýetirilişi boýunça öz belliklerini, tekliplerini we arzlaryny Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli bolan arz – şikaýatlar bölümine ýollap bilerler.

Telefon
**+993 (12) 40-06-07**

Faks
**+993 (12) 48-92-97**

Elektron poçta
**info@saglykhm.gov.tm**

Elektron ýüzlenme
**www.saglykhm.gov.tm/yuzlenme**

Poçta
**Türkmenistan, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 20, indeksi 744036**

# Inçekesel: näme möhüm bilmeli?

**Bu kitapça size şulary öwreder:**

**Inçekesel näme?**
**Inçekeseliň alamatlary?**
**Ol nähili geçip bilýär?**
**Siz ýa-da siziň ýakynlaryňyz kesellän bolsaňyz näme etmeli?**





## **Inçekesel** näme?

**Inçekesel** – bu “Mycobacterium tuberculosis” atly bakteriýa tarapyndan döredilen ýokanç keseldir. Köplenç ýagdaýda öýken zeperlenýär, ýöne beýleki beden agzalaryna hem zeper ýetip bilýär.

**Gowy habar:**
Öz wagtynda dogry bejergi alnyp barylanda Inçekesel bejerilýär.

### Inçekesel nähili ýokuşýar?

Haçan-da inçekeselli näsag üsgürende ýa-da asgyranda mikroblar howa düşýärler. Eger-de siz şeýle adamynyň ýanynda uzak wagt bolsaňyz, size kesel ýokuşyp biler.

## **Inçekeseliň** alamatlary

- **2 hepdeden uzak dowam edýän üsgülewik**
- **Döş kapasasynda agyry**
- **Gowşaklyk, ýadawlyk**
- **Agramyň we işdäniň peselmegi**
- **Gije köp derlemeklik**
- **Gyzgynyň galmagy, esasan hem agşamara**



## **Özüňi we ýakynlaryňy** nähili **goramaly?**



- **Öýüňiziň otaglaryny ýygy-ýygydan şemalladyň**
- **Bejergini başlamazdan öň näsaglar bilen uzak wagtlaýyn aragatnaşykda bolmaklykdan gaça duruň**
- **Ýylda bir gezek flýurografiýa barlagyny geçiň**
- **Zyýanly endiklerden daşda duruň. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýeriň**